# Sawçylar barybersinmi?..

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sawçylar barybersinmi?..

SAWÇYLAR BARYBERSINMI?

Sawçylar barybersinmi?!
Has giňelsin söýgimiziň çäkleri,
Erkanalyk çäklendirmez çäk ýeri.
Günde düwüp-daňyp toý düwünçekler,
Enem toý harydyn alybersinmi.
Baharda Sawçylar barybersinmi?!

Gözleriň göwünsiz bakmady herne,
Haýyş, şu päkligňi eliňden berme
Edil meniň sygman ýörşim deý dünýä,
Kakam bagtdan başyn aýlabersinmi,
Baharda Sawçylar barybersinmi?!

Ýaz gelip Gün gonýar üçeklermize,
Ýaz gelip gül ýagýar ýüreklermize.
Derwezedir diwar, işiklermize,
İnim täze reňkler çalybersinmi,
Baharda Sawçylar barybersinmi?!

Kalbymdan kalbyňa göçýärkä göçüm,
Durmuşda aýyp däl muň ýaly hüjüm,
Günde ýedi ölçäp, bir kesmek üçin,
Öýmüze myhmanlar ýagybersinmi,
Baharda Sawçylar barybersinmi?!

Söýjek seni gelin bolup geleňsoň,
Onsoň söýjek tä jan berip ölinçäm,
Gyz-gelinler toýymyzda geýinjek,
Köýneklik matasyn alybersinmi,
Baharda Sawçylar barybersinmi?!

Şatlyk HUDAÝNAZAROW.

Goşgular